# Eýran režimi… Ne hakyky yza ädim, ne-de reforma

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Eýran režimi… Ne hakyky yza ädim, ne-de reforma EÝRAN REŽIMI… NE HAKYKY YZA ÄDIM, NE-DE REFORMA




*Eýrandaky üýtgeşmeleri ýakyndan yzarlaýanlaryň bir bölegi reformistleriň we ylymlylaryň onlarça ýyllyk dolandyryş tejribesinden soň režimi içerden reformirlemegiň kyndygyny oýlaýar.*

Eýran režimi «ahlak polisiýasyny» ýatyrsa-da, ýatyrmasa-da, esasy zat onuň protestleriň basyşyna çydaman ilkinji yza tesişini edenligidir.

Gelinen kararyň ýüzi açyk-aýdyň ortada. Munuň özi gönüden-göni emonstratlary gysymyna gysmak üçin umytsyz synanşyk bilen edilen eglişikdir.

Kararyň içki ýüzi barada aýdanda bolsa, içinde örän köp syr bar. Režimiň uçran konfliktiniň çuňlugyna düşünmekden geçen, gaýtam agressiw hereket edip, ýagdaýlary öz isleýän ýagdaýyna bap getirmek üçin dogry şertlere ýardam edip biljek wagt faktorynyň üstünde jedele giren signallaryny berýär. Emma on hepdeläp dowam eden sahnada režimiň düşünmeýån bir zady bar, olam – wagtyň onuň peýdasyna däl-de, zyýanyna işleýänligidir.

Köçe topalaňlaryna öwrülen protest hereketleri režimiň içki gurluşynda seslenme döretmäge, «yslam rewolýusiýasynyň» we döwletiň ýokary wezipeli ýolbaşçylaryny režimiň alyp barýan

işlerine garşy çykmaga iterdi.
Öňki reformist prezident Muhammet Hateminiň ýakyn wagtda beren beýanaty režme garşy çaprazlygyň iň bärkijje mysalydyr.
Hatemk «talyplara ýardam eliniň uzadylmagyna we gaty gijä galynmanka hökümetiň ýalňyşýan ýerleriniň boýun alynmagyna» çagyrdy.
Hatemi režim güýçlerini gaharlandyran we gazaply ýagdaýda nägileliklerini döreden çykyşynda, hamana, garşylyklaýyn pikirini aç-açan yglan edýän ýalydy.
Onuň garşylyklaýyn pikiri şeýle bir sepgide ýetdi welin, Hatemi protestleriň «Zenan, Ýaşaýyş, Azatlyk» görnüşindäki baş şygaryna ajaýyplyk diýip baha berdi.
Muňa teokratik režimde ruhanynyň görkezen mertligi we täsirli şahsyýetiň batyrgaýlygy hökmünde baha berip bolar.
Hateminiň inisiatiwasy ünsden sypanok, muňa dürli baglanyşyklaryň we mümkinçilikleriň çäginde seredibermeli.




Käbirleri Hatemini režimiñ käbir partiýalary tarapyndan köçäniñ galagoply howasyny kiparlatmak üçin öñe sürülmekde aýyplasa-da, onuñ niýetine şübhe bildirmek kyn. Şeýle aýyplamalara garşylyklaýyn şular ýaly ähtimallyk bar:
Režim tarapdan kimdir biriniñ gijä galynmanka Hatemiden haraý soraýan bolmagy mümkin.
Her näme-de bolsa, Hateminiñ protest hereketiniñ öñe sürýän iñ esasy prinsiplerini goldandygy hakykat. Režimiñ bu babatda eglişik etmejegi görnüp dur.
Eýran režimiñ ikitaraplylygy hakda şeýle sorag ýüze çykýar:
Režim yza ädim ädip bilermi? Öñki prezident Hateminiñ talaplaryndan belli bir derejede peýdalanyp bolarmy?
Iñ ýakyn ähtimallyk şeýle – režim tebigatyna mahsus gylygyny edip, eglişik etmeýär. Ýagny, reforma maksatly ädimler ätmegi mümkin däl. Şu babatda, käbirleri hernäçe reformistler bolmazdan reformalar bolmaz diýen şekilde alagöz seredip

bolmajakdygyny aýtsa-da, reformalary we reforma hereketini aýyl-saýyl etmek gerek.
Aslynda režimiň bürenjek meselesinde yza ädim ätmegi mümkin däl. Hatda «ahlak polisiýasynyň» ýatyrylmagy onuň diňe missiýasyny talabalaýyk ýerine ýetirip bilmeýänliginden gelip çykýar.
Şol missiýa esasanam bürenjek atynmaýanlara bank hasaplaşygynda bökdençlik dörediýän maliýe gadagançylyklar ulgamyndan ybaratdygy nazara alynanda, täze we has kämil görnüşde ýerine ýetirilmegi üçin başga gulluklara berilip bilner.
Mejbury bürenjek režimiň kemala gelmeginiň ideologik perdesidir. Onuň ýatyrylmagyny isleýän kişi şol perdäni sypyryp aýyrmak isleýän adam ýalydyr. Režimiň leksikasynda bolsa beýle zada ýer ýok.
Yza çekilmegiň reformalaryň başlangyjy bolmagyna gezek gelende welin, režim protest hereketi üçin magnawy ýeňiş bolaýanda-da, göz üçin yza tesensireýär.
Bu babatda, Eýrandaky üýtgeşmeleri ýakyndan synlaýanlaryň bir bölegi reformistleriň we ylymlylaryň onlarça ýyllyk dolandyryş tejribesinden soň režimi içerden reformirlemegiň kyndygyny oýlaýar.
Şeýle ýagdaý häkimiýetde oturan döwründe syýasy reformist akymyň respublikan režimiň gurluşyna täsiriniň pesdigini görkezýär.
Şeýlelikde öňki prezident Hateminiň bolşy we haýsy baglanyşykda baha berlip boljakdygy hakda sowallar ýüze çykýar.
Eýranly progressiw Mustafa Melekiýanyň pikirinde eýran režimini reformirlemek ähtimallygy babatda umytsyzlyk bar.
Melekiýan «Men reformist däl, sebäbi ähli ýollaryň soňunyň petikdigini gördüm» diýdi. Munuň özi eýranly elitanyň arasynda režimde reforma geçirmegi mümkin däl hasaplaýanlaryň bardygyny görkezýär.



Mustafa FAHS.
10.12.2022 ý. Publisisistika